# Kyrkynjy ýyllaryň türkmen prozasy: taryhy epopeýa bilen ýüzbe-ýüz

Category: Edebiýaty öwreniş,Ertekiler,Hekaýalar,Kitapcy,Powestler,Psihologiýa,Romanlar,Sözler,Taryhy proza,Türkmen dili
написано kitapcy | 23 января, 2025
Kyrkynjy ýyllaryň türkmen prozasy: taryhy epopeýa bilen ýüzbe-ýüz KYRKYNJY ÝYLLARYŇ TÜRKMEN PROZASY:
TARYHY EPOPEÝA BILEN ÝÜZBE-ÝÜZ

Öň belläp geçişimiz ýaly, otuzynjy ýylar türkmen sowet edebiýaty, onuň proza, onda-da taryhy proza pudagy üçin beýle bir önümli ýyllar bolmasa-da, täze-täze çeper eserleriň döredilip, edebiýat dolanyşygyna girmegini üpjün edip bilen möhüm döwür boldy. Çünki, bu ýyllarda Oraz Täçnazarowyň belli makalalary, barly adamlaryň kulak hökmünde uzak ülkelere sürgün edilmegi, otuz ýedinji, otuz sekizinji ýyllaryň, tut-ha-tutluk ýyllary, B.Kerbabaýew bilen G.Burunowyň birnäçe ýyllap zyndanda ýatmagy şeýle hem olaryň «indi beýle etmeris» diýip, gazet-žurnallarda «söz bermekleri» belli derejede ýazyjy-şahyrlaryň hatyrjemlikli bolmagyna diňe döwrüň, ýagny partiýanyň ideýasyna, islegine laýyk eserleri döretmegini talap edýärdi. Ine, şu ýagdaýlar hem otuzynjy ýyllarda ýazyjylaryň juda birtaraply, gorka işlemeklerine, ýazan eserleriňi bolsa köp halatda çap etmäge bermekden saklamagyna getiripdi. Çünki, Hydyr Derýaýewiň, Berdi Kerbabaýewiň we beýlekileriň «halk duşmany» hökmünde basylmagy, respublikanyň belli partiýa we döwlet işgärleriniň ýok edilmegi, her bir eseriň, her bir setiriň dürli nazarýetden gözden geçirilmegi, şol nazarýet boýunça-da olara baha berilmegi ýazyjylary döredijilik işinden belli derejede çetleşdirýärdi. Her bir ýazyjy oňarsa-oňarmasa-da döwür barada, partiýa ýaranmak äheňinde ýazmaga çalyşýardy. Iň bärkisi, Ata Gowşudow hem şol

döwürde «Perman» romanyňyň gep-gürrüňsizräk, sadarak bölümlerini çap etdirmek üçin «Sowet edebiýaty» jurnalynyň redaksiýasyna tabşyrypdy.

Şeýle-de bolsa, kyrkynjy ýyllaryň başy türkmen edebiýaty üçin bahasyna ýetip bolmajak döredijilikli ýyllar bolup taryha girdi. 1940-njy ýylda ýazyjy Berdi Kerbabaýewiň «Aýgytly ädim» atly taryhy we taryhy-rewolýusion roman özbaşdak kitap bolup çapdan çykdy hem-de okyjylar köpçüligine ýaýrady. Şeýlelikde, türkmen edebiýatyna ilkinji monumental eser, sözüň doly manysyndaky roman edebi dolanyşyga girdi.

Oktýabr rewolýusiýasyndan ozal romany-ha däl, halk döredijiliginiň kyssaýy eserleriňden başga professional prozasy-da bolmadyk halkyň, geçen gysga wagtyň içinde monumental durmuşy şol ägirtligine, töwerekleýin görkezýän žanrynyň – romanyňyň döremegi ýöne ýerden däldi. Munuň üçin:

birinjiden, türkmen edebiýatynda durmuşy töwerekleýin beýan eder ýaly durmuş täzeçe gurmak höwesi, täze durmuş pajarlap ösüp başlapdy. Bu durmuş özüniň galkymy, halky öňe. täzeden-täze umytlara iterýändigi bilen edebiýaty täze ýörelgeler bilen baýlaşdyrýardy;

ikinjiden, bu täze durmuş, täze şemal öň ady-sory bolmadyk täze edebiýat üçin täze ideýalary, täze temany orta çykarýardy. Roman durmuşy üçin ideýany, temany durmuşyň özi berýärdi;

üçünjiden, şu geçen ýigrimi ýyla golaý wagtyň dowamynda, bu durmuşyň demine ýugrulyp, şu durmuşyň howasyndan dem alyp, ýazyjylaryň uly topary ösüp ýetişipdi we olar özleriniň çeper-professional özboluşlyklary bilen orta çykydylar. Ine, şol ýazyjylar özleriniň graždanlyk borjuny ýerine ýetirmek. özleriniň döwrülerini beýan etmek üçin täzeden-täze ideýa, forma, tema, gahrymanlar gözleýärdiler;

dördünjiden, şu döwürde rus klassyklarynyň, doganlyk halklarynyň, daşary ýurt edebiýatynyň nusgalyk eserleri türkmen ýazyjylary tarapyndan türkmen diline terjime edilipdi. Munuň özi türkmen ýazyjylarynyň kämilleşmegine az täsir etmändi;

bäşinjiden, şu döwürde rus ýazyjylarynyň iki sany brigadasy

Türkmenistana gelip, olar türkmen ýazyjylary bilen bilelikde, ýerlere aýlanyp, olara çeper eser üçin temany, ideýany, gahrymany tanamaga tejribe alarlyk täsirlerini ýetirmegi başarypdylar. Olar türkmen ýazyjylarynyň gözüniň alpynda türkmen halky barada, onuň durmuşy, işi barada täsirli eserleri döredipdiler;

altynjydan, geçen ýigrimi ýyla golaý wagt ýazyjylaryň gözýetimini has giňeldipdi. Olarda rewolýusiýadan öňki uzak ýyllar bilen, taryhymyz bilen şu geçen on-ýigrimi ýylyň netijesini deňeşdirmäge doly mümkinçilik döräpdi. Şol ýazyjylarda geljege bolan uly umydy, geçmişiň ahmyrly, pajygaly ýazgydy bilen deňeşdirmäge, utgaşdyrmaga, ondan çeper eser ýazmaga uly şert we mümkinçilik döredipdi.

ýedinjiden, şol ýazyjylar durmuşy has giň, töwerekleýin görkezmän geçmişiň uzak hem-de agyr heňňamlaryny suratlandyrman biljek däldiler. Çünki, baryp, otuzynjy ýyllarda uly rus ýazyjylarynyň biri Alekseý Maksimowiç Gorkiý: «Hakykat – monumental, ol giň masştably suratlandyrma… bireýýäm laýyk boldy»1 diýip belläpdi.

Hakykatdan hem roman žanrynyň beýleki žanrlara garanyňda mümkinçilikleri hem juda kändi. Bu barada belli roman öwreniji alym M.Kuznesow: «Durmuş materiallaryny öz içine giňden almagy, ulanylýan çeperçilik serişdeleriniň uniwersallygy, häsiýetleriň we wakalaryň beýan edilişiniň, olaryň ösüş prosesinde köp planlylygy, köp temalylygy, romanyň durmuşa maksimal «ýakynlygy», çeper edebiýatyň beýleki žanrlary üçin gutulgysyz bolan şertleriň birnäçesinden saplygy, romanyň formasynyň giň okyjylar könçüligine düşnükli bolmagy ýaly artykmaçlyklary we aýratynlyklary ýüze çykdy»2 diýip, dogry belläpdi.

Ine, şu garalyp geçilen şertler, durmuşy has töwerekleýin görkezmek, köptaraply beýan etmek baradaky möhüm pikirler tutuş durky bilen taryhy we taryhy-rewolýusion romanlara hem degişlidi. Çünki, A.M.Gorkiniň belleýşi ýaly: «Незаметно, между прочим, у нас создан подлинный и высокохудожественный исторический ромаи какого не было в литературе дореволюционной»3. Şeýle ýagdaý türkmen sowet edebiýatyna-da

gönüden-göni degişlidi.
Elbetde, taryhy prozany, şol sanda taryhy we taryhy-rewolýusion romany hem şu günki durmuşy beýan edýän çeper eserler, şol eserleriň döreýiş, ösüş ýagdaýlary bilen deňeşdirip boljak däldi. Çünki olaryň hersiniň özboluşly aýratynlyklary bardy. Eger şu günleriň beýanyny görkezýän çeper eserler, romanlar, powestler barada gürrüň edilse, onda ýagdaý düýbünden başgaçady… Bu ýagdaý esasan täze adam, täze durmuş, şu günki günüň öňe süren ideýasy, temasy, durmuşda ýaşap, işläp, ony dowam etdirip ýören gahrymanlar bilen gönüden-göni baglanyşyklydy. Emma taryhy we taryhy-rewolýusion romanlarda geçmişiň çuňluklaryny boýlap, gahrymanyňy taryhyň anyk wakalarynyň üstünden alyp gitmek bilen, hut şu günüň öňe süren ideýalaryny ýalňyşsyz açyp görkezmelidi.
Bu barada4 belli sowet roman öwrenijisi S.M.Petrow: «В советском историческом романе многовековая борба народных масс за свое освобождение находит все более глубокое художественное отраженне. В этом проявляется и своеобразия советского исторического романа и, пожалуй, основная тенденция его развития»5 diýip belleýär.
A.A.Fadeýew bolsa: «Мы вправе гордится нашими историческими романами, потому что такими произведениями, как «Петр 1», «Емельян Пугачев», «Великий Моурави», писатели утвердили в нашем сознании роль прогрессивных сил в историческом развитии нашего государства н показали лучше передовые черты русского национальннго характера, как и других народов СССР»6.
Türkmen taryhy we taryhy-rewolýusion romanyň hem esasy gymmaty, ine, ýokarda bellenip geçilen ýagdaýlar we beýleki köp sebäpler bilen baglanyşykly bolup galýardy.
B.Kerbabaýewiň «Aýgytly ädim» romany türkmen edebiýatyna, şol bir wagtda türkmen prozasynyň poetikasyna şu aşakdaky ýaly juda möhüm şertleri goşant edip goşupdy.
1. Romanyň özeninde, fabulasynda 1916-njy ýylda Tejende bolup geçen daýhanlar gozgalaňy ýatyrdy. Şol gozgalaňyň esasy gahrymany bu romanyň baş gahrymany, baş temasy bolup gelýärdi.
2. Awtor romanda türkmen edebiýatynda ilkinji bolup, adalat ugrundaky göreş ideýasyny çuňňur, töwerekleýin açmaga

synanyşyk edýärdi.
3. «Aýgytly ädim» romanynda türkmen edebiýatynda ilkinji sapar janly rewolýusioneriň monumental, ýagny töwerekleýin işlenýän obrazyny bermäge synanyşyk edilýärdi.
4. Romanda taryh bilen şu günüň arasyny sepleşdirmäge, netijede rewolýusiýanyň ähmiýetini açyp görkezmäge synanyşyk edilýärdi.
5. Bu romanda gahrymanlaryň häsiýetini töwerekleýin açmaga, položitel hem-de otrisatel gahrymanlaryň häsiýetini olaryň durmuşa bolan gatnaşyklary, durmuşdaky hereketleri arkaly açyp görkezmäge synanyşyk edilýärdi.
6. Roman sýužet-kompozisiýany monumental formada gurmaga, durmuş wakalaryny töwerekleýin görkezmäge synanyşyk edýänligi bilen aýratyn gymmata eýedi.
7. Roman Artyk, Aşyr, Aýna, Iwan Çernyşýew, Kartaşýew, Durdy, Mawy, Halnazar baý, Eziz han ýaly ençeme janly obrazlary türkmen sowet edebiýatynyň dolanyşygyna girizilipdi…
Ilkinji türkmen taryhy romanyňyň bu täzelikleri diňe bir otuzynjy, kyrkynjy ýyllaryň edebiýatynda däl, türkmen ebiýatynyň tutuş taryhynda-da görlüp-eşidilen ýagdaý däldi.
Halk döredijiliginiň proza eserleriňde, şeýle hem «Gorkut ata», «Görogly» ýaly halkyň taryhy bilen baglanyşykly eposlarda hem taryh esasan umumy formada görkezilýärdi. Bu barada: «Öňki türkmen edebiýatynyň we halk döredijiliginiň epiki eserleriňde… anyk taryhylyk… özakymlaýyn häsiýetde-de ýüze çykmandyr. Onuň sebäbi-de, birinjiden, epik eserlerde türkmen klassyk şahyrlarynyň öňde agzalan aýry-aýry şygyrlaryndaky ýaly belli bir taryhy döwrüň tipik ýagdaýlary, gündelik adaty meseleleri we gönüden-göni şonuň bilen baglylykda formirlenýän tipik häsiýetleriň, tipik duýgularyň beýan edilmänligidir, ikinjiden, epik eseriň uzak döwürler içinde dilden-dile geçip, timarlanyp, işlenip ýa-da şonuň ýaly bolup asyrdan gelýän sýužetler esaynda täzeden ýazylmagy netijesinde ol eserlerdäki obrazarda anyk bir taryhy döwrüň däl-de, köp döwrüň adamlaryna degişli sypatlaryň jemlenmegidir»7 diýip, professor Ö.Abdyllaýew öz wagtynda belläpdi.

Emma «Aýgytly ädim» romanynda beýle däldi. «22-nji iýulda (1916-njy ýyl – Ö.N.) Tejep uýezd naçalnigi ýarym çarwa ilatyň arasynda tolgunyşyklar köşeşmeýär, ýagdaý agyr diýip habar beripdir, şunda ol bu tolgunyşyklaryň baştutanlaryny tussag etmeklik diňe ýeterlik derejede güýç bolan mahalynda mümkindir diýip nygtap görkezipdir»8.

Ýagdaý barha agyrlaşyp başlaýar. «Oktýabr aýynyň ilkinji günlerinde Saragt pristawlygynda daýhanlar ýaragly çykyş etmäge başladylar»9.

«…Oktýabr aýynyň 5-nden 6-syna geçilýän gijede Zakaspi oblastynyň Tejen uýezdiniň Utamyş wolostynda… ençeme ýüz adamdan ybarat mähelle Tejen stansiýasyna baka eňdi.

Bu herekete feodal-klerikal awantýuristler hem-de panturkistler Alty Sopy, Eziz Çapykow we beýlekiler ýolbaşçylyk edýärdiler… Gozgalaňçylar harby ohrana bilen çaknyşyga girişdiler, agaç köprini otladylar, telegraf simlerini gyryşdyrdylar, demir ýoluň bir bölegini sökdüler…10.

Ine, şu anyk taryhy döwür, anyk taryhy faktlar, wakalar bu romanyň fabulasyny düzmek bilen, onuň sýužetiniň hem-de ideýasynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär.

Dogry, roman ilkinji sapar çapdan çykanda awtor bu meselä düýbünden başgaça çemeleşipdir. Ol Eziz Çapyk ogluny halk gahrymany hökmünde orta çykarypdyr. Şonuň üçin-de roman barada gürrüň edilende ýazyjylaryň köpüsi şu meseläniň üstünde döwnäpdi. Bu ýöne ýere däldi. Çünki B.Kerbabaýew şol ýyllarda Eziz hanyň ýakyn adamlarynyň biri bolup, onuň gullugynda durupdy. Şonuň üçin: «Romanda Eziz hany halk gahrymany edip görkezmek meýliniň bardygy… geň däldi. Elbetde, bir wagtlar mukaddes hasap edep pikirleriňden bütünleý büs-bütin dönäýmek we dynaýmak aňsat däl bolara çemeli…»11.

Hut şonuň üçin-de 1940-njy ýylyň 5-nji we 10-njy noýabrynda bu romany ara alyp maslahatlaşylan ýygnakda ýazyjy Ata Nyýazow: «Aýgytly ädim» kitaby taryhy roman däl. Oňa durmuş powesti diýilse has dogry bolardy, çünki awtor taryhy 1916-njy ýyly beýan etmäge synanyşyp, gozgalaňyň wakalaryny umumylaşdyryp bilmändir…» diýse, Beki Seýtäkow: «Kerbabaýewiň romany 16-njy ýylyň gozgalany hakynda dogry düşünje bermeýär. Men şu wagta

çepli Eziz hany kellekesen, ganhor, sowet häkimiýetiniň ganym duşmany diýip düşünýärdim. Roman bolsa başgaça öwredýär…» diýse, alym Baýmuhammet Garryýew: «Eziz han 1916-njy ýylyň gozgalaňynyň hereketlendirijisi, merkezi figurasy edilip görkezilipdir…» diýýär. Terjimeçi Gurbanmyrat Eýemberdiew bolsa: «16-njy ýylyň rewolýusion gozgalaňy romanda talaňçylyk ýörişi ýaly görkezilipdir, ýöne ol ýörişi başyna giden galtamanlar şaýkasy amala aşyrýar…» diýip belleýär. Ýazyjy Agahan Durdyýew bolsa şu zatlary nazara almak bilen: «Roman ideýa taýdan ýalňyş, hatda zyýanly. Gozgalaňyň keşbi we sebäbi nädogry görkezilipdir. Roman şu görnüşinde sowet okyjysyna mynasyp däl»12 diýip çykyş edipdir.
Bu ýerde elbetde, bu ýazyjylary ýazgaryp oturmak nädogry bolardy. Çünki, näme diýseň hem bu romanyň ilkinji wariantynyň kemçilikleri az däldi. Munuň üstesine Tejendäki 1916-njy ýyl buržuaz rewolýusiýasy barada heniz anyk bir çeşme ýokdy. Adamlar bu waka barada esasan eşiden gürrüňleri boýunça netije çykarýardylar. Mundan başga-da Eziz han meselesi ýapyklygyna galypdy. Şol döwürlerde B.Kerbabaýewiň özi barada-da: «Ol Eziz hanyň maslahatçysy, mürzesi bolupdyr», «Ol Eziz hanyň öz adamsy» diýen ýaly gürrüňler edýärdiler. Umuman, şol gürrüňleriň düýbünde bir esas hem bardy. Bu barada awtoryň özem: «…Meniň hem Eziz hanyň ştabynda biraz wagt bolmagym (hojalyk işlerinde işlemegim) köp zada gözümi açdy…»13 diýip ýazypdy. Mundan başga-da Berdi Kerbabaýew Tejendäki bu rewolýusiýa boýdan-başa gatnaşan adamdy. Şuny ol özüniň «Öten günler» atly ýatlama ýumanynda has çeper beýan edýär. Munuň üstesine ol näme diýilse-de Eziz hanyň halk gahrymanydygyna ynanypdyr. Çünki ol bu obrazy soňam kynlyk bilen üýtgedipdir14.
Ýazyjylar ine, şeýle ýagdaýlary nazara almak bilen, bu romana juda uly ýowuzlyk bilen daraşypdyrlar. Munuň üstesine, olaryň köpüsiniň ilkinji türkmen romanyňy has kämil görmek islän bolmagy-da mümkin. Mundan başga-da ilkinji uly eseri, şeýle hem türmede iki ýarym ýyl oturyp gelen ýazyjyny tankyt etmek beýle bir kyn hem däl bolara çemeli. Iň ahyrynda bolsa, şol döwürde eseri belli bir galyp esasynda ýazmak, şol galypdan

çykylsa, ol eseriň «ideýa taýdan gowşak», «halk üçin zyýanly» eser bolýandygyny şol döwrüň özi edebi tankydyň esasy prinspi hökmünde orta çykarypdyr.

Beýik Watançylyk urşunyň öňüsyrasynda türkmen sowet edebiýatynda emele gelen bu eseriň taryhylykdan, anyk taryhy-rewolýusionlykdan başga ýene bir goşan goşandy, olam gahrymanlaryň häsiýetini köptaraply açmak meselesinde hem uly täzelik getirip, türkmen sowet edebiýatyny aýdyp bolmajak derejede baýlaşdyrandygyny hem bellemek gerek.

Şol ýyllarda türkmen sowet edebiýatynda häsiýeti çuňňur açmakda başga-da bir täze eser, ýazyjy Nurmyrat Sagyhanowyň «Şükür bagşy» powesti döredildi. Dogry, öňdäki bölümlerde belleýşimiz ýaly, edebiýatçy alymlarymyzyň käbiri bu powesti otuzynjy ýyllarda döredilen eser hem hasaplaýarlar.

Ýöne, bu powestiň uzak wagtlap çapa hörürlenmezligi, diňe awtoryň Beýik Watançylyk urşuna gitmegi bilen onuň ýoldaşlarynyň bu eseri çapa hödürlemegi powestiň kyrkynjy ýyllaryň başynda döredilendir diýmäge mümkinçilik berýär.

Bu powest okyjylar köpçüligine ýaýran gününden başlap, türkmen sowet edebiýatynda uly hadysa hökmünde taryhymyza girdi.

Bu romanyň özeninde hem anyk taryhy waka ýatyr. Dogrusy, ol waka taryhy ýa-da taryhy rewolýusion waka däl, emma ol adamzat aňynda-psihologiýasynda emele gelen rewolýusion paýhasyň dabaralanmagydyr.

Ýazyjy Berdi Kerbabaýewiň «Aýgytly ädim» romanynda hem gahrymanlaryň häsiýetini köptaraply açyp görkezmekde heniz türkmen edebiýatynyň tutuş taryhynda bolmadyk täzeçillik emele gelipdi. Bu roman türkmen halkynyň durmuşyny örän giň planda, köptaraply ugurlar bilen görkezýän monumontal eser bolmak bilen birlikde, Artyk, Aşyr, Aýna, Iwan Çernyşýew, Mawy, Sary,… ýaly položitel obrazlaryň, Halnazar baý, Mämmetweli hojam, Eziz han, Bally, Güljemal han, Pökgi wala, Nobat Mirap, Babahan arçyn, Hümmet wolostnoý… ýaly otrisatel tipleriň onlarçasynyň köp taraply aýdyňlaşýan obrazynyň döremegine getiripdi. Bu obrazlar türkmen ertekilerindäki, dessanlaryndaky ýaly, diňe bir meseläniň töweregine ýygnanan obrazlar däldi. Bu obrazlaryň her biri özüniň aýratynlygy,

özboluşly häsiýeti bilen janly suratda, köptaraplaýyn, göz öňüne getirerlik formada işlenilipdi.
«Aýgytly ädim» romanyndaky Artygyň obrazy türkmen sowet edebiýaty üçin şeýle uly gymmaty, uly ähmiýeti bolan, özboluşly monumental obrazdyr. Ýazyjy Kerbabaýew «Aýgytly ädim» romanynda tutuş türkmen edebiýatynda ilkinji bolup şeýle çylşyrymly häsiýetli obrazy döredipdi. Artygyň obrazy ýaly häsiýeti köp taraply, monumental formada açylýan gahryman türkmen edibiýatynda henize çenli ýokdy.
Romanda Artygyň häsiýeti, içki oý-pikiri, maksady diňe garşylyklar netijesinde, wakalara hut Artygyň öziniň gatnaşmagy bilen açylýar. Artyk okyjynyň gözüniň alpynda, romanyň sahypalarynda sada daýhanlykdan rewolýusionerlige çenli bolan ýoly geçýär. Şol ýol bolsa ýalňyşlardan, kynçylyklardan, garşylyklardan doly.
Artyk romanda mirap saýlawy meselesinde, päle meselesinde, goşun üçin at alnyşyk meselesinde, Aýna meselesinde, Eziz han meselesinde, Gullyhan meselesinde düýpli garşylyklara sezewar bolýar. Şol düýpli garşylyklar bolsa Artyň häsiýetiniň köptaraply açylmagyny üpjün edýär. Netijede, Artygyň obrazy monumental obrazyň derejesine ýetirýär. Onuň häsiýeti bolsa, gaty köp meselede çuňňur aýdyňlaşýar.
Türkmen edebiýatynda gahrymanyň häsiýetini şeýle köptaraply açyp görkezmek «Aýgytly ädim» romanyňa çenli görlen ýagdaý däldi. Sebäbi Oktýabr rewolýusiýasyna çenli türkmen edebiýatyndaky gahryman hökmünde, esasan ertekileriň, dessanlaryň, «Görogly» eposynyň gahrymanlary orta çykarylypdyr. Bu eserleriň gahrymanlary ýekeje, köp bolsa iki mesele bilen iş salyşýardylar. Gahrymanlaryň häsiýeti olaryň durmuşda iş salşyp biljek beýleki meselelerinde açylyp görkezilmeýärdi.
Şu eserlerde gahrymanlaryň hereketini synlan wagtyňda, olaryň häsiýetini bir ýa-da iki meselede açylyp görkezilýändigini görmek bolýar.
Bu eserlerde gahrymanlaryň häsiýeti şondan başga meselelerde açylyp görkezilmändir. Munuň esasy sebäbi bolsa şol eserleriň gahrymanlary ýekeje köp bolsa iki mesele bilen iş

salyşýardylar.
Bu ýagdaý «Hudaýberdi gorkak» ertekisinde has üns bererlikdir. Ertekini okan wagtymyz Hudaýberdini aýalynyň we gyzynyň dokan alaçasyny bazara äkidişini, ýolda tilkä duşuşyny, ondan aldanyp alaçasyny oňa satyşyny, ýagny onuň gorkaklyk häsiýetini synlaýarlar. Ertekiniň ikinji bölüminde onuň aýalynyň we gyzynyň igenjine çydaman döwler bilen güýç synanyşmaga gidişini, göreşmekde, agaç ýykmakda, palaw iýmekde olary aldap, äpet-äpet döwleri boýun egdirişini ýagny batyrlyk häsiýetini synlaýarys. Ýöne biz Hudaýberdiniň, häsiýetindeki şeýle özgerişiň durmuş hakykatyna laýyk däldigine düşünýäris. Şeýle-de bolsa, munuň özi gahrymanyň häsiýetini görkezmekdäki bellemeli ýagdaýdyr. Şeýle ýagdaýyň «Akpamyk», «Garaja batyr» ertekilerinde bardygynyda bellemek gerek. «Totynyň hekaýalary», «Müň bir gije» ýaly has uly ertekilerde häsiýeti köptaraply açyp görkezmege aýratyn üns berlipdir.
Muňa garamazdan, ertekileriň gahrymanlaryňyň häsiýetiniň işlenilşini Artygyň häsiýetiniň işlenişi bilen, ýa-da «Aýgytly ädim» romanyndaky beýleki gahrymanlaryň häsiýetiniň açylyp görkezilşi bilen deňeşdirmek asla mümkin däldir. Romandaky gahrymanlaryň häsiýeti realistik nukdaý nazardan, janly, giň masştably, duýarlykly formada aýdyňlaşýar. Emma şol ertekilerde gahrymanyň häsiýeti durmuşyň bir, köp bolsa iki meselesi boýunça, ol hem esasan ertekiçilik formasynda aňdyňlaşýar.
Dogry, türkmen dessanlarynda ertekilere garanyňda gahrymanlaryň häsiýeti birneme anygrak, aýdyňrak bermäge, durmuşy giňräk görkezmäge çynlakaý synanyşylypdyr.
«Türkmen dessanlarynyň üç hili häsiýetine duş gelmek bolýar: gahrymançylyk, yşky-gahrymançylyk, yşky häsiýetinde…»15. «…Dessanlary okanymyzda položitel hem-de otrisatel gahrymanlaryň arasynda esasan hususy meselede — söýgi meselesinde bolan garşlygyň döreýşini, ösüşini, çözülişini gönüden-göni göz öňümize getirýäris. Emma başga meselelerde ýüze çykýan garşylyklary welin başlanýan ýerinden gutarýan ýerine çenli göz öňüne getirip bilmeýäris»16. Şeýle bolansoň, gahrymanlaryň häsiýeti hem diňe şu iki mesele-de, ýagny söýgi

hem-de gahrymançylyk meselesinde aýdyňlaşýar. Mysal üçin, «Zöhre-Tahyr» dessanyndaky Tahyry alyp göreliň.
Bu dessanda söýgi meselesi eseriň başyndan ahyryna çenli dowam edýär. Eseriň başynda Zöhre gyz Tahyra:
– Eý, Tahyr jan, bir wagt başyňa ölüm ýa zulum düşse, atam dek ähtiňden dänmegil. Eger-de wagtyň hoşka «aşyk men» diýip, başyna iş düşende, dönseň, meni we özüňi ile masgara eder sen.
Onda Tahyr:
– Eý, Zöhre jan! Men saňa öz erkim bilen aşyk bolan imes-men, meniň saňa aşyklygym ezeldir17 diýýär. Şeýle wadadan soň, ol derýa taşlanan pursatynda-da söýgülisine wepalydygyny nygtaýar. Bagdat şäherinde Mahym ony derýadan çykarýar. Oňa aşyklygyny aýdýar. Şonda Tahyr:
«Meniň ähtipeýmanym bir perige baglydyr. Eger mundan artyk azar berseň, men özümi heläk kylmaly bolaryn» diýip, Mahym bilen aralyga kesgir gylyç goýup ýatýar.
Dessanda Tahyryň Zöhre gyza bolan söýgüsiniň, özüniň ýaryna wepasynyň güýçlüdigi garakçylara duşanynda hem synlamak bolýar. Garakçylar ondan öz ýaryna bolan söýgüsinden nyşan soraýarlar. Şonda Tahyr:
– Nyşan görer bolsaň, bäri gel! – diýdi… Tahyr Zöhre jany ýadyna düşürip, kükregine urup, ah tartdy. Tahyryň gözünden ot çykyp garakçynyň ýüzüne ýapyşdy. Garakçynyň ýüzi sakgaly tamam köýdi»18.
Görüp geçen mysallarymyzdan belli bolşy ýaly, dessanda Tahyryň häsiýeti diňe söýgi meselesinde, onda-da Zöhrä bolan wepalylygy dürli ýagdaýlarda görkezilýär. Şeýle ýagdaýy «Şasenem-Garyp», «Leýli-Mežnun» dessanlarynda-da görmek bolýar. «Zöhre-Tahyr» dessanyndaky Tahyryň «Şasenem-Garypdaky» Garybyň, «Leýli-Mežnundaky» Mežnunyň häsiýetiniň söýgi meselesinde açylyşyny Artygyň Aýna bolan söýgüsi bilen deňeşdirmek gyzyklydyr.
«Aýgytly ädim» romanyňyň baş gahrymany Artygyň häsiýetiniň söýgi meselesinde aýdyňlaşýandygyny hem görýäris. Tahyryň, Garybyň, Mejnunyň häsiýeti diňe söýgi meselesinde, özleriniň söýgülileri bilen gatnaşykda açylýar. Romanda welin Artyk bilen onuň söýgülisi Aýnanyň bu meselede duçar bolýan

garşylygy has uly. Söýgi meselesinde Halnazar baý, Bally, Aýnanyň ejeligi Mama bilen ýüze çykýan garşylyk Artygyň duş gelýän ýeke-täk garşylygy däl. Bu Artyga durmuşda duş gelýän gaty köp garşylygyň diňe biri. Şeýle köp garşylyga duçar bolmagy, söýgi meselesinde gabat gelýän garşylyk Artygyň häsiýetiniň bu meselede hem has çuňňur açylmagyna getirýär.

«Hüýrlukga-Hemra» dessanyny gözden geçirenmizde, Hemranyň häsiýetiniň iki mesele boýunça, ýagny mertlik, yşky taraplarynyň görkezilýändigini görmek bolýar.

Hemra we agalary on dört ýaşa ýetende, olary Çyn – Maçyn welaýatyna iberýärler. Şol wagtlar bu welaýatda açlyk, gahatçylyk höküm sürýär eken. Hemra görse ölüp ýatanlaryň gany ýok eken. Şonda Hemra: «Çyn-Maçynyň aç pukaralary! Günde bir gezek meniň ýanyma gelip damaklanyp gidiň»19 diýip jar çekdirýär. Soň onuň ähli gallasy tamam bolup, agalaryndan galla soraýar. Emma agalary razy bolmaýar. Şonuň üçin aýal doganynyň beren goşa göwher şamçyragyny berip, düýeleri ýükleri bilen satyn alýar. Şondan soň ähli halaýygy yzyna düşürip özleriniň dokçulyk ýurduna gaýdýarlar. Ýolda ol «açlara nan berip, ýalaňaja don berip, suwsuzlara suw berip, pyýadany düýä mündürip»20 barýar.

Emma birden suw gutarýar. Şonda hut Hemranyň özi suwuň gözlegine gidýär. Ol guýynyň başynda on dört ýaşda janyny almaly Ezraýyla gabat gelýär. Soň oňa: «…Şu halky Müsre eltýänçäm degmeseň»21 diýýär.

Görşümiz ýaly, dessanyň birinji bölüminde esasan Hemranyň häsiýetiniň mertlik taraplary görkezilýär. Dessanyň ikinji böleginde Hysraw patyşanyň düýşünde Bilbil Göýä aşyk bolmagy bilen Hemranyň yşky we gahrymançylyk häsiýetini has aýdyňlaşýar. Onuň doganlarynyň yzyndan Bilbil Göýäni getirmäge ugramagy, «gitse gelmez» ýoluny saýlap almagy, Çiltenleriň Huýrlukga bilen nika gyýmagy, Erem bagyna barmagy, Huýrlukga öýlenmegi, köp mertlik görkezip Bilbil Göýäni ele salmagy, onuň şeýle mert ýigitliginden habar berýär. Onuň mertligi, ugurtapyjylygy patyşa gyz bilen göreşmekde, aýdyşmakda, küşt oýnamakda güýç synanyşamakda hem görmek bolýar.

Bu dessandan görnüşi ýaly, dessanlarda hem gahrymanlaryň

häsiýetini köptaraply açyp görkezmege az-kem synanyşyk edilýär. Ýöne şol eserlerde gahrymanyň häsiýeti awtoryň emri bilen ýa batyr, akylly edilip, ýa-da gorkak, namart edilip görkezilýär.

Dessanlardaky gahrymanlaryň häsiýetindäki yşky we gahrymançylyk taraplaryny görkezmäge belli synanyşyklaryň edilendigi bellemege mynasyndyr. Ýöne gahrymanlaryň häsiýetini açmagyň bu ýagdaýy hem ertekiçilik usulyna has ýakyndyr.

Türkmen halkynyň iň uly epiki eseri bolan «Görogly» eposynda gahrymanyň häsiýetini köptaraply açyp görkezmäge, uly synanyşyk edilendigini görmek bolýar. Bu epos tutuşlygyna gahrymançylyk pafosynda ýazylypdyr. Eposyň her şahasynda Göroglynyň häsiýetiniň mertlik, jomartlyk, gahrymançylyk, söýgä wepalylyk tarapy açylyp görkezilýär.

Eposyň «Göroglynyň öýlenişi» şahasypda Göroglynyň söýgä bolan garaýşy açylýar. Bu bölümde ol Agaýunusa düýşünde aşyk bolýar. Şondan soň suwsuz çölleri söküp Agaýunusyň köşgüne barýar. Aždarha bilen söweşip ony ýeňýär. Gyzyň: ata-enesinden rugsat alyp, ony Çandybile alyp gelýär. Şu şahada Göroglynyň Agaýunusa bolan söýgüsi onuň gahrymançylykly häsiýetleri bilen utgaşdyrylýar. Bu şahada Göroglynyň Agaýunusa bolan söýgüsi bilen birlikde, onuň mert, batyr, gaýduwsyz gahrymandygyny synlaýarys. Eposda Görogly ömrüniň ahyryna çenli Agaýunusa wepaly bolup galýar.

Eposyň «Ar alyş» şahasynda Göroglynyň Arapdan ar almakda, «Öwez» şahasynda Öwezi Ýusup şanyň köşgünden getirip, özüne ogul edinmekde «Öweziň halas edilişinde» Öwezi Hüňkaryň elinden ýesirlikden boşatmakda, «Öwez öýlenen» şahasynda Lekge şanyň gyzy Gülruhy kyýamatlyk ogluna alyp bermekde, «Kyrk müňlerde» Hüňkar soltanyň, Lekge şanyň, Hasan şanyň, Amanarabyň, Ýusup şanyň Çandybile güýç birikdirip gelen goşunyny derbi-dagyn etmekde görkezen gahrymançylygy, onuň mert, batyr, gaýduwsyz häsiýetleri açylyp görkezilýär.

Emma eposda Göroglynyň häsiýetindäki gowşak taraplary hem beýan edilýär. Mysal üçin, ol «Arapreýhan» şahasynda duşmanyň güýjüni äsgermezlik edip, Arapreýhana ýesir düşýär. «Kempir» şahasynda bolsa Zulman kempiriň jögi sözlerine ynanyp, onuň

näme maksadynyň bardygyny seljermän, ony öýüne getirýär. «Bezirgen» şahasynda Agaýunusyň diýenini etmän Zeýnel kempir bilen eneli-ogul bolýar. Netijede, onuň diýenine gidip, kyýamatlyk dogany Bezirgeni duýdansyz öldürýär. Muňa garamazdan, ol özüniň ýalňyşlaryny, häsiýetindäki kemçilik netijesinde goýberen ýalňyşlyklaryny düzedýär. Ol ýigitleriniň kömegi bilen Arapreýhandan aryny alýar, Zulman kempiriň başyny ojaga sokup, Gyratyny yzyna alyp gaýdýar. Bezirgeni öldüreni üçin Zeýnel kempiri ýere sokýar. Kyýamatlyk doganynyň uýasy Aýsoltanyň öňünde özüniň ýalňyşyny mertlerçe boýn alýar. Bezirgeniň guburunyň üstüne gümmez gurdurýar. Aýsoltan köp-köp ýagşylyklar edýär.

Görüp geçişimiz ýaly eposda Göroglynyň esasan alyp baran gahrymançylygy yzarlanýar. Şonuň üçin-de onuň häsiýetiniň gahrymançylyk, mertlik, edermenlik taraplary açylyp görkezilýär. Bu eposda gahrymanyň häsiýeti esasan oňa mifiki güýçleriň goldawy bilen utgaşdyrylan formada açylyp görkezilýär.

Emma Artygyň häsiýeti durmuşyň has çynlakaý garşylyklaryna gatnaşygynda açylýar. Artygyň pälä gitmezligi, Aýnany alyp gaçmagy, Halnazaryň gallasyny garyplara paýlamagy, Eziz han, Gullyhan bilen oňuşmazlygy onuň mertligini, gaýduwsyzlygyny, garyplara rehimdarlygyny, adalatsyzlyga barlyşyksyzlygyny açyp görkezýär. Ýöne Artygyň durmuşy, işi, hereketi hakykata laýyk. Şonuň üçim onuň häsiýeti hem Göroglynyňka garanyňda has köp meselede aýdyňlaşýar. Şol bir wagtyň özünde bolsa has ynandyryjy, real bolup göz öňüne gelýär.

Gözden geçirilen mysallardan belli bolşy ýaly, dessanlarda, «Görogly» eposynda sada bolsa-da, birtaraply bolsada, gahrymanlaryň yşky, gahrymançylyk häsiýetlerini görkezmäge düýpli synanyşyk edilipdir. Gahrymanlaryň häsiýetini köptaraply görkezmek barada edilen şeýle synanyşyklar bolsa biziň şu günki monumental prozamyzyň, onuň gahrymanlarynyň häsiýetini köptaraply işlemek usulynyň rowaçlanmagynyň başlangyçlary bolupdy.

Ine, şu nukdaý nazardan seredeninde şu günki monumental eserleriň gahrymanlarynyň häsiýetiniň köptaraply açylyp

görkezilişinde dessanlardaka, eposdaka käbir meňzeşligiň bardygyny görmek bolýar. Şonuň üçin-de halk döredijiliginiň erteki, dessan, epos ýaly köp sýužetli eserleriňi biziň monumental eserlerimiziň ilkinji çeşmeleri, ilkinji kökleri diýip aýtmaga mümkinçilik bar. Şeýle-de bolsa, halk döredijiliginiň eserleriňe garanda monumental eserlerde gahrymanlaryň häsiýetini köptaraply işlemekde, olaryň obrazynyň aýdyňlaşmagynda örän düýpli tapawudyň bardygyny hem aýtmak gerek.

Türkmen dessanlarynyň, eposyň gulçulyk, feodalçylyk zamanynda döräp, türkmen monumental prozasynyň bolsa sosializm gurluşygy döwründe dörändigini göz öňünde tutanyňda, bu ugurdaky ösüşiň kanunalaýykdygyna düşünmek bolar. Munuň esasy sebäbi ertekilerde, dessanlarda, şeýle hem: «Görogly» eposynda gahrymanlaryň häsiýetini köptaraply açyp görkezmege üns berilmändir. «Umuman aýdanda, öňki döwrüň awtorlary gahrymanlaryň içki dünýäsindäki prosesleri däl-de, esasan olaryň daşky hereketlerini – etmişlerini, çaknyşyklaryny, başdan geçirmelerini, duşuşyklaryny suratlandyrmagy göz öňünde tutupdyrlar. Gahrymanlaryň dürli ýagdaýlarda, köp wakalaryň içinde edýän daşky hereketlerinde bolsa olaryň dogabitdi berlen  – öňden bar bolan häsiýetleri ýüze çykýar»22.

Mundan başga-da ertekilerde, dessanlarda, eposda durmuşyň bir ýa-da iki meselesinde ýüze çykan garşylyk liniýasynyň görkezilmeginiň esasy sebäbi-de aşakdaky ýagdaýlar bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr.

Her bir awtor özünden öňki ussatlaryň beýan ediş stiline eýerip, eserde diňe bir sýužeti işläp, durmuşy köptaraply beýan etmäge we gahrymanyň häsýetini köptaraply açyp görkezmek üçin köptaraply garşylyk liniýalaryny döretmäge üns bermändir.

Iň esasy-da, awtorlar durmuşy köptaraply görmelidigine we beýan etmelidigine düşünmändirler. Gahrymanlaryň häsiýetiniň söýgüden, gahrymançylykdan başga taraplaryny hem açyp görkezmelidigine ýeterlik üns bermändirler.

Oktýabr rewolýusiýasyndan öňki döwürde gahrymanyň häsýetini köptaraply açyp görkezmek özakymlaýyn ýagdaýda bolupdyr. Şonuň üçin-de eserde gahrymanlaryň häsiýeti birtaraplaýyn, ýagny

söýgi, gahrymançylyk ugurlardan başga meselelerde ýüzleý, solak görkezilipdir.
Türkmen edebiýatynyň taryhyny gözden geçirenimizde, hut «Aýgytly ädimiň» baş gahrymany Artygyňky ýaly, romanyň beýleki gahrymanlaryňyň obrazynda bolşy ýaly, gahrymanlaryň häsiýetini aňly-düşünjeli, durmuş hakykatyna laýyklykda, köptaraply açyp görkezmegiň Oktýabr rewolýusiýasyndan soňky döwürde peýda bolandygyna anyk göz ýetirýäris.
Munuň özi kanunalaýyk ýagdaýdyr. Çünki, eýýäm rewolýusiýanyň yzysüre rus ýazyjylary türkmen sowet edebiýatynyň ösmegine oňaýly täsirlerini ýetirip başlapdylar. Rus we dünýä klassikleriniň belli eserleri türkmen diline terjime edilýärdi. Mundan başga-da hut Türkmenistanda täze jemgyýetiň gurluşygyna başlanmagy bilen türkmen edebiýatynda-da häsiýeti köptaraply açyp görkezmäge doly zerurlyk emele gelipdi. Sebäbi durmuş indi türkmen ýazyjylaryndan rewolýusiýany üstünlikli amala aşyran, onuň gazananlaryny berk goraýan, sosialistik jemgyýeti gurmaga işeňňir gatnaşýan real gahrymanlaryň, täze adamynyň real obrazyny döretmegi, onuň häsiýetini köptaraply açmaga, aýdyňlaşdyrmaga täzeçe çemeleşmegi talap edýärdi.
Bu barada M.Gorkiniň: «Я поклонник человека волового, целеустремленного, может быть, мною выдуманого. Но теперь мои мечты осуществляются. Мы видим в живой действительности смелого, сильного, древного человека. Люди, о которых я мог раньше только мечтать, теперь живут, работают, творят великое дело… Проблема о целеустремленном человеке была поставлена не мной, она поставлена самой историей. Люди которые умела раньше сносно делать жизненное дело, разучились его делать ушли из жизни. Нужен был новый человек. И он пришёл»23 – diýip belleýşi ýaly, indi täze adam – sosialistik dünýägaraýyşly, häsiýeti boýunça has çylşyrymly adam kemala gelipdi. Şeýle adam edebiýatda-da öz ornuny tapmalydy. Munuň üçin bolsa, durmuşy has giň, köptaraply formada – monumental formada beýan etmek zerurdy. Gahrymanlaryň jemgyýete gatnaşygyny, çuňňur garaýşyny, köptaraply häsiýetini, onuň içki we daşky dünýäsini hereket arkaly, ösüş arkaly, real durmuş garşylyklarynyň şertinde, zähmet prosesinde açyp görkezmek gerekdi. Bu bolsa

monumental prozanyň paýyna düşüpdi.
Türkmen edebiýatynda durmuşy monumental formada beýan etmek, täze jemgyýeti gurýan adamlara mahsus bolan häsiýetli gahrymanlary döretmek zerurlygy näçe ýiti dörese-de, ol bir bada, tarpdan emele gelmedi. Durmuş hakykaty rewolýusiýanyň yzysüre dören liriki şygyrlar bilen birlikde, käbir owunjak hekaýalarda kem-käsleýin görkezilýärdi. Eýýäm şol hekaýalarda gahrymanlaryň häsiýetini real durmuş bilen baglanyşyklylykda açyp görkezmäge synanyşyk edilýärdi.
Muňa garamazdan gahrymanlaryň häsiýetini durmuşyň özi ýaly töwerekleýin, giň, köptaraply açyp görkezmek rewolýusiýa üstün çykan badyna rowaçlanyp gidiberdi diýip aýdyp bolmaz. Sebäbi ýigriminji ýyllaryň ortalarynda türkmen ýazyjylary ownuk proza eserleriňi ýazmaga ýaňy synanyşyk edip başlapdylar. Şol hekaýalarda bolsa gahrymanyň häsiýetini köptaraply açyp görkezmäge ýüzleý çemeleşilýärdi.
Bu ugurda hem ýazyjy Berdi Kerbabaýewiň kerwenbaşylyk roluny ýerine ýetirendigini bellemek gerek. Ol monumental häsiýetli obrazlaryň tutuş galereýasyny özünde jemleýän «Aýgytly ädim» romanyňa çenli ençeme proza eserleriňi döredipdi. Şol eserlerde hem gahrymanlaryň häsiýetini töwerekleýin açyp görkezmäge belli derejede synanyşyk edilipdi.
Ýazyjy «Garşa guda» (1926) powestini döretmek bilen türkmen prozasynda geçmiş wakalaryny giňişleýin görkezmäge, gahrymanlaryň häsiýetini köptaraply açmaga batyrgaý synanyşyk edipdi. Ýazyjynyň bu eseri «..türkmen sowet prozasynyň täze görnüşiniň, powestiň ýüze çykandygyny alamatlandyrdy»24.
Powest žanrynyň döremegi bilen türkmen edebiýatynda durmuşy giň suratlandyrmaga, gahrymanlaryň obrazyny we olaryň häsiýetini köptaraply, has giň suratlandyrmaga hem-de has çuňňur  işlemäge ilkinji synanyşyk başlanýardy.
Powestde Çerkez atly garybyň, onuň Durdy atly oglunyň häsiýetini köptaraply açmaga synanyşyk edilýär. Eserde Çerkeziň ogluny öýerip bilmän kösenip ýörşi, gaharyny oglundan çykaryp, ony öýünden kowmagy, soň ogluny alada etmegi, ahyr soňunda Annanyýazlar bilen garşa guda bolmagy, giýewleri ýogalandan soň, gyzy Ajabyň aýally adama durmuşa çykmagyna

razy bolmazlygy yzarlananda, rewolýusiýadan öňki döwürde güzeranyny zordan dolaýan adamyň başdan geçirýän ýagdaýyny göz öňüne getirýäris. Şol wakalarda Çerkeziň häsiýetindäki dözümsizlik, ertirki güne bolan ynamsyzlyk garyplykdan, ýeter-ýetmezlikden bizar bolmak ýaly taraplary açylýar.

Durdynyň öýlendirmänleri üçin ata-enesine gahar etmegini, kakasynyň ýüzüne gelmegini, öýden gitmegini, baýa talaban durmagyny, soň eden işine ökünmegini görkezmek bilen awtor geçmişde garyp maşgalalaryň çagalarynyň maşgala gurmak üçin nähili kyn ýagdaýa düşýändigini suratlandyrýar Şol bir wagtyň özünde Durdynyň namysjaňlyk, gözsüz batyrlyk, dözümsizlik häsiýetlerini hem aýdyňlaşdyrýar. Durdy kakasynyň ýüzüne gelse-de, oňa gahar edip öýden çykyp gitse-de eden işine puşman edýär. Geldimyrat yzyndan baranda bolsa öýlerine dolanýar.

Emma awtor Durdy öýlenenden soň onuň häsiýetinde emele gelýän üýtgeşikligi yzarlamaýar. Ýöne gelnini Hally mirabyň adamlary alyp gitmek üçin gelenlerinde, Abadany gorap ýaralanýar. Ol öz doganynyň aýal üstüne berilmegine-de garşy bolýar. «Ajap, sen arkaýyn bol! Seni Annanyýazlara iberip ömrüňi kül edip, men diri gezip bilmen»25 diýýär. Bu bolsa Durdynyň häsiýetinde ýigitlik, hossarlyk, namysynyň güýçlüdigini görkezýär.

Emma «Aýgytly ädim» romanyndaky Artygyň obrazy bilen deňeşdirilende, Çerkeziň, Durdynyň häsiýetiniň çuňňur işlenilmändigini görmek bolýar. Artyk hem mirap saýlawynda, päle meselesinde Halnazar baý hem-de beýleki barly adamlar bilen çaknyşmaly bolýar. Emma ol hyjuwlylygy, gaýduwsyzlygy bilen özüni derrew tanadýar. Bu powestde welin gahrymanlaryň häsiýetiniň köptaraply açylyşy islenýän netijäni berip bilmändi. Şol gahrymanlar durmuşyň köp meselelerine gatnaşsa-da şol gahrymanlaryň şol meselelere gatnaşykda häsiýetiniň açylyşy, aýdyňlaşdyrylyşy ýüzleýdi. Gahrymanlaryň içki gapma-garşylygy, şonuň personažlaryň häsiýetine edýän täsiri düýbünden görkezilmeýär.

(Dowamy bar)… Edebiýaty öwreniş